# Biz birini söýýäris, ýassykdaş bolýar bir ýat -3: soňy

Category: Kitapcy,Sözler,Türkmen dili,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Biz birini söýýäris, ýassykdaş bolýar bir ýat -3: soňy BIZ BIRINI SÖÝÝÄRIS, ÝASSYKDAŞ BOLÝAR BIR ÝAY



Jemal bilen bolup geçen zatlar edil kino ýaly gözöňümden geçip başlady. Lapykeç ýatýan-turýan hiç zat bilen mazam ýok, göýä wagt duran ýalydy. Gyz jigimiň getiren naharyndan duzam datmadym, çaýam içmediim Asla iýip-içmek hakynda pikirem edemokdym. Ejem daşymdan zowzanaklap bir gelip, bir gidýärdi. Aglaýar, arasynda nämedir bir zatlar aýdyp gülýär, nahar iýmegimi haýyş edýär, garaz, käbäm meň üçin uly alada galdy.

Ahyry janly bolsaň, haýalam bolsa wagt geçýär. Han-ha, Gün ýaşyp barýar. Bar aladam garaňky düşdügi Jemal bilen duşuşaryn umytdadym. Aladalam bolsam, gapy açylyp, “Geldi” diýip, üýtgeşik sesli bir adamyň kakamyň adyny tutanyny eşitdim. Ol nätanyş iki-üç gezek kakamyň adyny tutup gaýtalady. Hiç kim çykmansoň, men çykaýyn diýip otyrkam ejemiň “Kimkä, bu” diýen sesi eşidildi. Ýene-de ejemiň “Wii, Mämi agaň inisi Berdi aga sizmi, geliň eýgilikmi?! diýen sesini eşidip, hamana depämden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. Bu ýaşuly keýpine geldimikä, ýa Jemala…” diýip, yzyny pikir etmänkäm, Berdi agaň sesi eşidildi: “Altyn dogan, Geldi bilen ogluň Şirem alyp, Mämi kakam agşam sizi öýüne çagyrýar. Gaýrat edip baraweriň, nämeüçin çagyrýanymy özleri bilýändir diýip, agam meni ugratdy” diýdi-de, ol ýaşuly jogaba-da garaşman, derhal çykyp gitdi. Ejem bilen uly alada galdyk. Ýöne ejem Mämi aganyň çagyrmasyny ýagşylyga ýordy. Köp wagt geçmänkä, kakamam işden geldi. Ejem men hakda aýdyp ugrajak boldy welin, kakam: “Men hemme zady bilýän. Mämi agaň çagyrýandygynam ýaňy inisi gabat gelip aýtdy, elimi-ýüzümi ýuwup, iki agyz garbanaýyn. Onýança gowy aýak ýygnanar gideliň” diýip, hammama tarap ýöredi. Kakam igenmäge, hatda göwnüne makul bolmadyk hereket eden hasaplasa, çagalaryna kak-sok etmäge gaty gaýymdy. Emma bu gezek ol: “Hany, Şir nirede?! diýip, gaty mylaýymlylyk bilen ejemden sorady. Ejemiň: “Wah, Geldi, nämä ýanjagymy bilemmok. Indi Mämi agaň bizi çagyrmasy nämekä?! Eýgilik bir bolsa… Şirem o jaýda ýatyr, iýenogam-içenogam, geplänogam” diýen gürrüňleri edil ýanymda ýaly eşidildi. Kakamyň “O jaýda diýýärmiň” diýip, maňa tarap ýönelen aýak sesini eşitdim.
Men bagrymy ýere berip ýatyşyma Mämi agaň meni çagyrmagynyň sebäbine düşünjek bolup, akyl ýetirip bilmän oýlanýardym. Kakamyň gelýändigini duýup, ýatan ýerimden turdum welin, pederim jaýa girip: “O-how, Şir, oglum, hany, tur ýeriňden, bir garbak-gurbak edinip, Mämi agalara gideli” diýdi. Men kakamyň ýüzünden geçip bilmän, ol jaýa girip, iýesim gelmese-de, ejemi ynjaldyrmak üçin, özüme zor salyp, kakam bilen bir okara guýlan çorbadan bäş-alty çemçe owurtlap, kükürt ýaly çörek iýip çekildim. Men nahardan çekilemsoň, kakamam derrew doýmak bilen boldy. Töwir edip, elimizi ýuwup gitmäge şaýlandyk. Mämi agalara ugranymtyzdan ejem: “Geldi, Şirem getiriň diýip, Mämi aga niýetini ýamana tutan bolsa näme?! Ol ýaşulyň tüpeňem bar diýýärler..” diýdi welin, kakam ejemiň

sözüni kesip: “Altyn, goýsana, ýaman pikirleriňi. Ol bizi söz bilen atar. Şir, oglum, häzir senem biz bilen gir. Saňa-da Mämi aga göni gelsin diýip aýdypdyr. Ýaňy inisi Berdi aga aýtdy. Şonuň üçin hemmämiz bile öňli-yzly bolman, Mämi agalara baralyň”diýip, sözüni jemledi. . Men kakama jogap bermän razylaşyp baş atdym.
Maşynymyzy Mämi agalaň deňinde goýup, olaryň öýleriniň gapysyna ýetenimzden kakam gelenimizi bildirmek üçin ardynjyrap, “Mämi aga” diýip gygyrdy welin, içerden Berdi aga çykyp: “Hä, Geldi giriberiň, agam size garaşyp otyr” diýip, menniň gapyň daşynda ýaýdanyp duranymy görüp: “Gir, ýaýdanyp durma” diýip maňa ýüzlenip çykyp gitdi, Berdi aga “Häzir menem geljek” diýenem bolsa, soň gelmedi. Ilki kakam-ejem, olaryň yzyndanam men öýe girdim.
Giren öýmüzde Mämi aga aýaly Dursun daýza bilen otyrdy. Men Jemalyň beýleki jaýda oturandygyny ýüregim bilen syzdym. Ýaşulyň ýüzünden gar ýagýardy. Emma kakam-ejemiň salamy sowuk jogap bilen bolsa-da alyndy, görkezilen ýerde oturdyk. Ýöne myhman hezzeti ýa geleniň hormaty diýip goýulýan çaý orta goýulmady. Esli salym dymyşyp otyrdyk, ahyry ümsümligi Mämi aga bozup söze başlady: “Geldi, bu näme etdigiňiz, düýn däl, öňküsi gün gudaçylyga gelip, bu gün irdenem ogluň gyzymy alyp gitjek bolupdyr. Maşynyňyzyň jarda öçüp, jahanyň ýagtylmagy ogluň ýaman pyglyny amal etmegine ýol bermändir Men düşünýän, gyzyňy sakla diýjeksiň, saklaryn gyzymy. Geldi, mundan aňryk geçsek gan düşer ara. Siz türkmen diline düşünýäňizmi?! Biz ig, siz gul süňňüňiz deň däl, düýe bolsagam bir dogramçada ýetmez size..” diýip, Mämi aga ýene bir zatlar aýtmakçydy welin, kakamyň: “Mämi aga” diýen çasly sesi içerde oturan adamlary gulaga öwürdi: “Ýaşuly, siziň: biz ig, siz gul diýmegiňiz biz arassa, siz hapa diýdigiňiz bolýar. Beýle kemsitmäň bizi, aslymyzda nikasyz doglan ýok. Pederlerimiz gyrnak alypdyr, onda biziň günämiz näme?! Beýle aýtmaşak bolsa, mundan edil ýüz ýyl öň biziň han-beg pederlerimiziň gapysynda siziň ig atalaryňz ýalynyp gün görýärdiler. Eklenji bizden edýärdiňiz. Bizi söz bilen atmaňy bes et, maksadyňy aýt” diýip, uludan demini alyp, sözlerine aram berdi.. Kakam gaharyna çym gyzyl bolupdy, ol sandyr-sandyr edip, tutuş göwresi bilen titreýärdi. Ejem, Dursun daýzada gaty aglamaga ejap edipmi ýa gorkudanmy, ýöne hünibirýän sessiz aglap otyrdylar. Meň üçin edilip oturylan ýakymsyz gürrüňlere bir

ölüp bilemokdym. Enemiň aýdyşy ýaly, şol wagt ýer ýarylan bolsa, men säginmän girerdim. Ýöne häzir etjek alajyk ýok. Ýüzümi gyzardyp, ýere bakyp, näme etmelidiginem bilmän, müýnli agyr gürrüňleri diňläp otyrdym. Kakam ýene bir zatlar aýtjak bolup, agzyny açanam şoldy welin, oslagsyz Mämi aga söze başlady: “Geldi, görýärmiň, sen ogluň üçin titrap otyrsyň, ýöne gyz meňki, meň ýagdaýymy gözöňüme getirýärmuiň. Indi maksadym hakynda: siziň pederleriňiz dünýäň hökümdary bolanam bolsa, size gyz ýok. Bizi agyr durmuşdan Sowet hökümeti halas etdi. Beý diýsem siziň aňryňyzdan biziň pederlerimiziň nägileligi ýokdy. Meň sözümi kesä çekip oturmaň, sizde nikasyz doglan bar diýemmok. Emma süňňiňiziň pesdigini aýdaryn. Eliňizde işlesek işländiris, emna süňňimizi sizden mydam beýik görüp, size gyz berenem, alanam däldiris. Nähili kabul etseňiz, öz işiňiz. Menem pederlerimiň däbine eýerip, guldan gyzam alman, gyzam bermen. Watanymy, ar-namysymy gorap, urşa gitdim. Indem şu öýde meň diýenim bolar. Sizem nirede oýnasaňyz, şonda oýnaň. Meň öýümden daşda oýnaň. Size gyz berilmez. Şu zatlary ogluňam eşitsin” diýip, ol han ogulam ýörite çagyrtdym” diýip, ýüzüni aýalyna öwürdi-de oňa hemleli: “Dursun, bar, ol ady ýitmişiňi çagyr ol jaýdan gelsin” diýdi. Dursun daýza aglap oturan ýerinden naýynjar: “Kakasy..” diýip, yzyny aýtmanka, ýaşuly gazap bilen: “Takal oka diýemmok saňa, bar alyp gel.” diýip gygyrdy welin, daýza görgüli tarsa ýerinden turup, uly sesi bilen aglap duran Jemalyň elinden tutup, biziň jaýymyza getirdi. Jemalyň diňe ýüzi görünýärdi. Onuň gözi aglap-aglap halkalanyp gidipdir, ýüzüni görmeseňem garaört bolany mese-mälimdi. . Jemal girenden kakasy: “Gap sesiňi, näme goňşulara eşitdirjek bolýarmyň” diýenden Jemal aglap duran sesini goýmaga synanyşdy, emma aňyrdan dyňzap gelýän agyny ol saklap bilenokdy, ol ýuwaşja sojap aglap durdy. Mämi aga gyzyny ýanyna çagyryp oturdyp, oňa ýüzlendi: “Jemal, niýetiň şulara barmak bolsa, han-ha özleri geldiler, mündürip goýbereýin, ýöne bulardan galyp, soň ýüzümi ýere salsaň, menden oňyllyga garaşmaň. Asla ene-ataňy närazy edip bagtly durmuşda ýaşap bolmaz. Sen niýetiňi aýt, şondan soň aýgytly netijämi bulara aýdaryn” diýdi. Jemal agy gatyşykly sesi bilen: “Şi Şi Şir men menden eee eliňi ççek” diýip zordan aýtdy. Jemalyň bu sözleri zorluk bilen aýdany görnüp durdy. Gyzy bu sözleri aýdandan soňra, Mämi aga ýüzüni öwrüp, maňa ýüzlendi: “Han, ogul, Allaň bermedik zadyny aljak bolma.

Gyzymy gapymdan alyp gidip, öz eliň bilen bar öýüňe gidiber diýip goýbereňsoň, seniň ykbalyň Jemal bolup bilmez. Men açygyny aýdaýyn. Alla sizi ýazgyt edenem bolsa, menden size ak pata bolmaz. Mundan artyk sözi aýtdyrma maňa. Alyp gitjek bolsaňam, ine, gyz, gözümiň alnynda göter ony. Ýerimden gozgansam namart boldugym, eger häzir öýden boş çykyp, gyzyma soň süýkenseň, menden eýgilige garaşmaň, Men sözümi gutardym, düşündiňmi, han ogul".
Mämi aga bu sözlerini aýdyp, tüýsüni üýtgedip, gaharyna bäs gelip bilmän, maňa seredip, jogaba garaşdy. Men edil şol wagt dilden-agyzdan galypdym, gepläp biljek däldim. Kakam halymy aňdy gerek. Ol: "Mämi aga, men ogluma derek aýdýan, dünýäde gyz tapmasagam, seň gapyňdan gelmeris, seň gyzyňa-da azar bermeris. Gaty arkaýyn boluň, sözüm-sözdür" diýdi. Mundan soňra Mämi aga şeýle diýdi: "Geldi, men süňňümiz barada näme diýsemem, siziň adam çykýan ýerdigiňizi bilýän. Şonuň üçin namys-aryň nämedigini size öwretmek gerek däl. Gyzymyň namysynyň arassadygyna anyk göz ýetirip, indiki masgaraçylygyň öňüni almak üçin, ogluň bilen sizi bile çagyrdym. Biziň eden gürrüňlerimiz kyýamatlyk gürrüňdir. Ol ýerde bu ýerde çykmasyn". Mämi agaň bu gürrüňinden soňra kakam oňa: "Mämi aga, düşünýän, bizdenem gaty görmäň, ýöne bizden dem çykmaz. Oglumam gyzyňa azar bermez" diýip, kakam bize turmagy buýruk berdi. Dem salymda turup gaýtdyk. Bizi ugradanam, sag bol diýenem bolmady.
Kakam ýolda gelýärkäk: "Şir, oglum, Mämi aga bizi söz bilen öldürdi. Indi şol gyz ýok ýaly bol. Indi şol gyza göwün berseň, meni ejeňi, ýakarsyň…." diýip, maňa hem gaharly, hem naýynjar seretdi. Men kakamyň bu garaýşyna hem ýalbarma hem talap diýip düşündim. Şondan soň, Jemal ne kino-konserte bardy, ne toýa çykdy. Men Jemaly söýýändigimi hiç kime aýdyp bilmesemem, onsuz ýaşaýyş gözöňüme gelse-de howpurgaýardym. Ýöne Mämi aganyň öýünde aýdan şu sözlerini hiç unudyp bilmedim: "Han, ogul, Allaň bermedik zadyny aljak bolma. Gyzymy gapymdan alyp gidip, öz eliň bilen bar öýüňe gidiber diýip goýbereňsoň, seniň ykbalyň Jemal bolup bilmez. Men açygyny aýdaýyn. Alla sizi ýazgyt edenem bolsa, menden size ak pata bolmaz…". Ýaşulyň bu sözleri kalbymda gaýtalanyp durdy. Bu sözlere meniň nalaçedenligime ýüzüme basma diýip düşünip, aram-aram öz-özümi ýigrenýärdim. Meniň bu nalaçedenligim "Agzyňa gelen awy sypdyrmak" diýleni boldy. Şol hereketim

täzeden gaýtalansa etjegimi bilýän. Ýöne indi ol gaýtalanmaz, geçmişi bolsady arzuw etmegem puç pikirler, biderek wagtyňy boş zada ýitirmek bolýar. Jemaly görsemmikäm ýa görmesemmikäm diýip alasarmyk bolup ýörşüme üç aý geçdi. Dogrusyny aýtsam, Jemaly görmäge kiçijek mümkinçiligem döremedi. Ine, bu gün Jemaly Aşgabada ýakyn bir garyndaşlarynyň ogluna durmuşa çykardylar. Bu maňa agyr degse-de hiç kime bildirtmeli däldim. Ýüregim gyssa eplenip öýde ýatdym, Agym tutsa, obadan çykyp, möňňürip içimi boşadýardym. Kino-konserte toýa barsamam, daşym gülse-de içim aglaýardy. Ejem meniň doly halymy bilmese-de aňýardy. Menden biynjalyk bolýardy. Jemal toýundan bir aý geçenden soňra, gaýdyp geldi, derrew on güne ýetmänem gaýdyp gitdi. Ine, şonda men Jemally gapynyň ymykly ýapylandygyny boýun aldym. Mundan beýläk “Köýen söýgiň üçin ejizleme, Şir” diýip, gaýgy-gamy unutmagy özüme wada berdim. Öz-özüme beren göwünligim kalbyma teselli boldy. Muny duýan ejemem menden arkaýynlaşdy. Ynha, bir günem ene-atam meni ýanyna çagyrdy. Olar meni öýermekçi bolýandyklaryny aýdyp, meniň gözöňüme tutýanymyň bardygyny-ýokdugyny soradylar. Men: “Eje-kaka siziň makullan gyzyňyz maňa-da bolar” diýip jogap berdim. Şuny diýenimden ejem: “Oglum, Agamyrat agaň gyzy, klasdaşyň Sona gudaçylyga barsak, nähili görýäň?!” diýip, maňa ýüzlendi. Men: “Eje, Sona göwnemez, olara göwün ýüwürdip barmaň, ol Jemal ikimiziň söýgümizi gaty gowy bilýär, göwnemrz” diýdim welin, ejem “Ol zatlar bilen seň işiň bolmasyn, razy bolsaň bolany” diýdi. Men razydygymy ýene bir gezek tassyklap, öz jaýyma geçdim.
Meniň pikir edişimiň tersine boldy. Sona maňa göwnäpdir. Ýöne olar galyňy agyr saljagyny aýdypdyrlar. Ejemem “Gyzyňyzy berseňiz bolýar, galyňyň bir alajy bolar diýipdir. Dogry, agyr galyňyňam bir alajy boldy. Ejem hozanaklap, meni öýerse, gaýgy-gamdan gutararyn” diýip, yhlas baryny etdi. Ýigrimi bir ýaşan günümiň edil ertesi öýlendim. Sona elli-aýakly gelindi, üstesine-de, dogumlydy. Ol hiç kim bilen habarly bolmandy. Hakyky dogumly, obaly türkmen gyzydy. Meniň üstümde ölüp-öçüp barýardy. Sonanyň yhlasy meni Jemaldan sowaşdyrar diýen umyt bilen ýaşadym. Öýlenenimden on aýdan oglum boldy. Durmuşym parahat bolsun diýen ýagşy arzuw bilen oglumyň adyna Parahat dakdym. Oglum iki ýaşap-ýaşamanka, gyzym boldy. Adyna Jemal dakmaga ejap etdim. Gülaýym dakdyk. Men iki çagaň atasy. Emma men Jemaly unudyp bilmedim. Sonaň adyny tutjak bolup, köplenç

Jemal diýýärdim. Jemaly unutjak bolup kän synandym, bolmady. Jemaly alyp bilmedigem bolsam, onuň ruhy meniň süňňüme ornapdyr, kalbymy eýeläpdir. Men bu durmuşymyň bagtmy ýa bedbagtlykmy nämedigini-de bilemokdy. Şol sebäpli şu setirler kalbymda ýaňlanýardy:

Bedbagtlykmy ýa-da bagt,
Bu nä geň, agyr kysmat,
Biz birini söýýäris –
Ýassykdaş bolýar bir ýat.

Ahyry bir gün Sona ýaryldy: “Şir, seň Jemal bilen gatnaşygyňy bilsemem, ejeň özelenmegine dözmedim. Aňyrsam seni erbet göremokdym. Indi sen iki çagaň atasy. Sona diýmäň ýerine Jemal diýýäň, düýn joralam gyzymy görmäge gelenlerinde, olaryň ýanynda hem maňa Jemal diýdiň. Men Sona, Jemal däl, ýene bir hepdeden gyzymyz kyrk çileden çykýar. Ikimiz bellisini edeli” diýip, ses edip aglady. Men Sonaň adyny tutjak bolup, ýene Jemal diýäýmäýin diýip, oňa ilkinji gezek: “Mähribanym, goý sesiňi. Meniň iki dünýäde senden başga söýýänim ýok” diýip ýüzlendim. Sona “Mähribanym” diýenimi eşidip, aglamasyny goýdy. Ol: “Şir men senden köp zat islämmok, ony kalbyňdan çykaryp bilmejegiňi bilýän, ýöne gaýrat et, meň adymy dogry tut” diýdi. Şondan soň men ýatmak üçin ol jaýa geçip gyşardym, Jemaly unutmagyň pikirini edip, ahyry uklapdyryn.
Men agşam Sonany arkaýyn edenime begendim. Emma begenjim ýene uzaga çekmedi. Turanymdan Jemal gözöňümde janlandy. Emma men Jemaly unudyp, Sonam barada oýlanmaly diýen netijä ymykly geldim. Ýöne seniň bütin menligiňe-kalbyňa tabyn bolmadyk başga birini söýýän duýgyňa nähili erk etmeli?!Sona maňa wepaly ýar, emma ol meniň ruhy hemram bolup bilmedi. Maňa ýat ýalydy. Agşamky ýasama mähribanlygymy näçe sapar edip bilerkäm, ol mähribanlygymyň ýasamadygyny Sona duýaýsa nähili bolar?! Şu sowallar meni öz erkime goýmady. Men Sonaň öňünde bir zatda borçludym. Ol meniň iki çagamyň enesi. Şonuň üçin ony ynjytmaga indi hakym ýok, Sonany kalbym söýmese-de hökman men ony söýäýmelidim. Söýýenini alyp bilmedigiň men ilkinjisem, iň soňkusam däl. Edil beýleki söýenini alyp bilmedik kladaşlarym ýaly takdyryma kaýyl bolmasam, men indi

diňe özümi däl, Aý ýaly iki çagamy, meni söýýän aýalymy bedbagt etjegim hakynda oýlandym. Indi Sona meniň iki dünýä ykbalym. Meniň bu hakykatdan gaçyp gitjek ýerim ýok. Kysmatyma kaýyl bolup, derdimi hiç kime bildirmän çekmekden başga alaç ýok. Ýöne Hudaýa şükür, meniň iki sany nesil dowamatym bar. Özüm söýmesemem, meni jan-dilden söýýän mähriban ýarym bar. Maňa agşamara işden kakam geler diýip garaşylýar. Ynha, şu barlyklara guwanmagy başarsam, men jylawlanmadyk duýgularym bolan agyr gussany kalbymdan hökman ýok edäýmeli. Özümi bagtly duýmasamam, men bedbagt ynsan däl. Şu duýgular maňa ýaşamaga höwes döredýärdi. Agyr gam-gussaly bolsagam ýaşamak nähili hezil adamlar!!!

- **Sözsoňy ýerine**:

Halypa Juma Ýazmyrat 1987-nji ýylyň 25-26-njy iýulynda hem şol ýylyň sentýabrynyň başynda türkmen radiosynyň birinji kanalynyň edebi gepleşiginde ikä bölüp, meniň agama bagyşlan (üç bölümden ybarat) şu kyssamy radioda okap beripdir. Men agamyň ykbalynyň gowy bolmagyna umyt edip, kyssamy ýagşy arzuwlar bilen tamamladym. Emma durmuş ýüzünde bütinleý başga bolup çykdy. Men gullukdan gelenimde, öňem aýdyşym ýaly Şir agamyň durmuşy dargapdyr. Soňra bularyň ykbaly hasam pajygaly boldy. Elbetde, olaryň pajygaly ykbaly aýratyn bir kyssa. Ony indiki gezege goýalyň. Ýatlamalar